# Ertir bilerin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ertir bilerin ERTIR BILERIN



Dek düýn muzdsyz ýa-da para-peşgeşsiz,
Sapylgydy ykbalyma ykbalyñ.
Halsyzlyk ýa ýolsuzlykdyr öýderdim,
Şu çaka çen birje göwnüm ýykmanyñ.
Ýaralarña melhem etdim narpyzy,
Çaýa goşup içdim lebleñ gandyny.
Şüdgär ýer deý asla suwdan ganmadym,
Ahyr basdyñ uly derýañ bendini…

Durmuşda-da kän büdredim, ýykyldym,
Öňler örän rahatdy meň gijelem.
Labarint deý ýodalardan çykardym,
Ganly däl-de janlydy meň bijelem…

Syr berenim ýer bermedi ýanyndan,
Dost diýenim şumy, galaýyn tenha…
Bu günki bagtymyň ysynam duýman,
Bilmänsoň agyrdan aýňalyp.
Ynha,
Şeýdip nazar aýlap geçmişe bakan,
Bir ýylgyrsam ýüz gez barym dilerin…
Bir gün yzda galýar aňym, ýüregim,
Bu güniň gadyryn ertir bilerin.

Ahmet ARAZOW Goşgular